**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2023-nji ýylyň 21-nji sentýabryndaky**
**№75-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 1-mek "Bilim edaralarynyň ähli kysymlarynyň hasabaty" (ýyllyk)**
**döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№1-mek "Bilim edaralarynyň ähli kysymlarynyň hasabaty" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny salgy bölüminde ähli bilim edaralary tarapyndan tabşyrylýar.

## 1 BÖLÜM.
## GEÇEN 20___/20___ OKUW ÝYLYNDA AGZALAN SYNPLARY TAMAMLAN, INDIKI SYNPLARA GEÇEN OKUWÇYLAR WE UÇURYMLAR BARADA MAGLUMATLAR

1-nji bölümde bilim edarasynda okaýan synpyny tamamlan we indiki synpa geçirilen okuwçylaryň sany görkezilýär. 1-nji sütünde okuw ýylynda okuwlaryny dowam etdirýän ýa-da etdirmeýändigine, garamazdan, okaýan synpyny tamamlap, degişli ýylyň ýazynda ýa-da güýzünde indiki synpa geçirilen okuwçylaryň umumy sany görkezilýär.

2-nji sütünde okuwçylaryň umumy sanyndan 12 ýyllyk geçiş okuw maksatnamasy boýunça okuwçylaryň umumy sany, 3-nji sütünde okuwçylaryň umumy sanyndan 12 ýyllyk okuw maksatnamasy boýunça okuwçylaryň umumy sany görkezilýär. 4-nji sütünde okuwçylaryň umumy sanyndan okuwçy gyzlaryň sany aýratyn bölünip görkezilýär.

Bu bölümde okuwçylaryň sany okuw ýylynyň netijeleri boýunça geçirilen synpynda däl-de geçen okuw ýylynda tamamlan synplarynda görkezilýär. 13-nji setirde bilim edarasyny tamamlan okuwçylaryň sany we 14-nji setirde doly orta bilim baradaky şahadatnamany almadyk okuwçylaryň sany görkezilýär.

15-nji setirde bilim edarasynyň okuw maksatnamasyny özleşdirip synaglary tabşyran we doly orta bilim hakynda şahadatnama alan eksternleriň sany görkezilýär.

## 2 BÖLÜM.
## OKUWÇYLARYŇ SYNPLAR BOÝUNÇA DÜZÜMI

Bu bölümiň 1-nji sütüninde bilim edarasynyň ähli synplary we 8-nji sütünde olardan 5-nji sentýabry ýagdaýyna görä okaýan okuwçylar hakyndaky maglumatlar ýazylýarlar. 4-7-nji sütünlerde bilim edarasynda synp boýunça okuw alnyp barylýan dil ýa-da diller görkezilýär. Özbaşdak sapak hökmünde öwrenilýän diller, goşmaça (fakultatiw) sapak hökmünde ýa-da meýletin toparçalarda (kružoklarda) öwrenilýän diller görkezilmeýär.

2,4,6,9,11,13-nji sütünlerde 12 ýyllyk geçiş okuw maksatnamasy boýunça okadylýan synplaryň we okuwçylaryň, 3,5,7,10,12,14-nji sütünlerde bolsa 12 ýyllyk okuw maksatnamasy boýunça okadylýan synplarynyň we okuwçylaryň sanyny görkezmek gerek.

11-14-nji sütünlerde okuwçylaryň umumy sanyndan okuwlaryň diller boýunça okadylyşy görkezilýär. 15-nji sütünde 8-nji sütünden synpda galanlar görkezilýär. 16-njy sütüninde (8-nji sütünden) okuwçylaryň umumy sanyndan okuwçy gyzlaryň sany aýratyn bölünip görkezilýär.
14-nji setirde (8-nji sütüniň 13-nji setirinden) ýetim we hossarsyz galan çagalaryň sany görkezilýär.

**3 BÖLÜM.**
**OKUWÇYLARYNYŇ ÝAŞY BOÝUNÇA DÜZÜMI**
(dogulyş hakyndaky resminamalar esasynda düzülýär)

3-nji bölümde ýaşy barada maglumatlar ýazylýar, mekdebiň okuwçylarynyň hemmesiniň, okuw ýylynyň başynda dolan ýaşlarynyň sany görkezilýär.

Okuwçylaryň ýaşy (dolan ýaşy) boýunça bölünişi dogluş hakynda şahadatnamanyň esasynda amala aşyrylýar. Bu görkezijileri okuwçylaryň, olaryň ene-atalarynyň ýa-da olaryň oruntutarlarynyň sözlerinden doldurmak rugsat edilmeýär. Okuwçylaryň umumy sanyndan (1-nji sütün) 2-nji sütüninde okuwçylaryň umumy sanyndan okuwçy gyzlaryň sany aýratyn bölünip görkezilýär. 3-nji sütüninde hasabat okuw ýylynda ähli bilim kysymlardaky edarasyny tamamlaýan okuwçylaryň sany görkezilýär.

**4 BÖLÜM.**
**MUGALLYMLAR WE TERBIÝEÇILER BARADA MAGLUMATLAR**

4-nji bölümde şol bir bilim edarasynda mugallymlaryň hemmesi, şol sanda sapak okadýan bilim edarasynyň ýolbaşçylarynyň sanyny goşmak bilen (01-nji setir) görkezilýär. Şu sana bilim edarasynda mugallymçylyk işini alyp barýan terbiýeçiler bilen bir hatarda, şu bilim edarasynda mugallymçylyk edýän, ýöne başga edaralarda hem işleýän, zähmet depderçeleri hem şol ýerde bolan adamlar hem goşulýar. Mugallym esasy mugallymçylyk işiniň daşyndan şu bilim edarasynda terbieçilik wezipesinde-de işleýän bolsa, onuň terbiýeçilik işine terbiýeçi hökmünde näçe wagt sarp edýändigine garamazdan, ony mugallym hökmünde hem, terbiýeçi hökmünde hem görkezmek gerek (01-nji setir).

Bilim edarasynyň ýanyndaky internatdaky, mekdep-internatdaky, uzaldylan günli toparlardaky terbiýeçiler hakyndaky degişli maglumatlary 02,03-nji setirlerde görkezilýär. Şu bilim edarasynyň işgärler düzümine girýän terbiýeçileri mugallymyň ýa-da terbiýeçiniň işi olar üçin esasydygyna ýa-da esasy däldigine garamazdan, şu setirlere goşulýarlar.

4-nji bölüme göwrelilik we çaga dogurmaklyk sebäpli, şeýle hem 3 ýaşyna ýetmedik çagasyna seretmek üçin rugsada çykyp, wagtlaýyn işde ýok bolan pedagog işgärler girizilmeýär.

**5 BÖLÜM.**
**SALKYNLAÝYN SAPAKLAR BARADA MAGLUMATLAR**

5-nji bölümde okuwlaryň salkynlaýynlygy boýunça 1-nji we 2-nji salkynlarda okaýan okuwçylar bölünip görkezilýär. Bilim edarasynda okuwlaryň salkynlaýynlygy kesgitlenende, 2-nji salkynda okaýan okuwçylaryň sanyna 1-nji salkynyň okuwlary başlanandan soň okuwa başlan okuwçylaryň ählisi degişlidigini göz öňünde tutmak zerurdyr.

**6 BÖLÜM.**
**DAŞARY ÝURT DILLERINIŇ OKADYLYŞY BARADA MAGLUMATLAR**

Eger bilim edarasynda bir synpyň iki toparynda dürli daşary ýurt dilleri okadylýan bolsa, onda 6-njy bölümde okuwçylaryň her bir topary şol dil boýunça bir synp hasap edilýär. Eger synp şol bir daşary ýurt dilini öwrenýän iki sany özbaşdak okaýan toparlara bölünýän bolsa, onda toparlaryň her haýsyny şu bölüm boýunça hasabat synpy hasap etmeli.

**7 BÖLÜM.**
**DÜRLI DERSLERIŇ ÇUŇLAŞDYRYLYP OKADYLYŞY BARADA MAGLUMAT**

7-nji bölümde 1-3-nji sütünlerde dersleri çuňlaşdyryp okaýan synplaryň sany, 4-6-njy sütünde bolsa dersleri çuňlaşdyryp okaýan synplardaky okuwçylaryň sany görkezilýär.

## 8 BÖLÜM.
## 11-12 –NJI SYNPLARDAKY OKUWÇYLARYŇ UGURLAR BOÝUNÇA BÖLÜNIŞI

8-nji bölümde okadylyş ugry boýunça 1,3,5-nji sütünlerde synplaryň sany, 2,4,6-njy sütünlerde bolsa, olarda okaýan okuwçylaryň sany görkezilýär. 1-2-nji sütünlerde 11-nji synplaryň sany we okuwçylaryň sany, 3-4-nji sütünlerde 12-nji synplaryň sany we okuwçylaryň sany görkezilýär. 01-nji setirde takyk bilimleri ugry, 02-nji tebigy bilimleri ugry, 03-nji setirde ynsanperwerlik-durmuş bilimleri ugry, 04-nji setirde tebigy-takyk bilimleri ugry boýunça synplaryň we olarda okaýan okuwçylaryň sany degişli sütünlerde görkezilýär.

## 9 BÖLÜM.
## MEKDEBE ÇENLI ÇAGALAR BÖLÜMI BARADA MAGLUMAT
## (ähli bilim kysymlardaky edaralary tarapyndan doldurylýar)

9-njy bölümde 1-nji sütünde umumy görnüşdäki bilim edaralaryň mekdebe çenli ýaşdaky çagalar bölümindäki ähli çagalaryň sany görkezilýär. 2-4-nji sütünlerde olaryň ýaşlar boýunça bölünşigi görkezilýär. 5-nji sütünde çagalaryň ähli sanyndan (1 süt.) mekdebe taýýarlanyş toparlaryndaky çagalar görkezilýär. 6-njy sütünde gyzlaryň sany görkezilýär, 7-nji sütünde şol bölümdäki toparlaryň umumy sany, we 8-nji sütünde (7-nji süt.) şol sanda 3 ýaşly we uly çagalar üçin toparlaryň sany görkezilýär. 9,10-njy sütünlerde çagalaryň ähli sanyndan (1 süt.) mekdebe çenli bölümde gündiz, gije we gije-gündiz bolunýan wagt boýunça degişlilikde çagalaryň sany paýlanylýar.

## 10 BÖLÜM.
## SAGLYK ÝAGDAÝY SEBÄPLI MÜMKINÇILIKLERI ÇÄKLI
## MEKDEP ÝAŞLY ÇAGALAR BÖLÜMLERI BARADA MAGLUMAT
## (ýörite edaralary tarapyndan doldurylýar)

Saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçilikleri çäkli mekdep ýaşly okaýan çagalar barada maglumatlar 10-njy bölümde görkezilýär.

1-nji sütünde saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçilikleri çäkli bölümlerde synplaryň sany görkezilýär, 2-nji sütünde okuwçylaryň sany görkezilýär. 3-nji sütünde okuwçylaryň umumy sanyndan gyzlar aýratyn görkezilýär, 4-nji sütünde umumy sandan gije gündiz bolýan okuwçylar görkezilýär. 02-nji setirde ker, çala eşidýän we soň ker bolanlar üçin bölümler boýunça maglumatlar, 04-nji setirde kör, çala görýän we soň kör bolanlar üçin bölüm boýunça maglumatlar görkezilýär. bölümindäki okuwçylar, 6-njy setirde daýanç-hereket synalary bozulan okuwçylar üçin bşlümiň maglumatlary görkezilýär. 03-05-07-nji setirlerde kömekçi synplarda okaýanlary sany görkezilýär, 08-nji setirde akyl taýdan kemli bölümindäki okuwçylar görkezilýär.

## 11 BÖLÜM.
## MEKDEP JAÝLARY WE OKATMAGYŇ TEHNIKI SERIŞDELERI
## BARADAKY MAGLUMATLAR

11-nji bölümde jaýlaryň hemmesiniň meýdany doly $m^2$ görkezilýär. 01-nji setirde mekdebe degişli ähli jaýlaryň, boş däl we boş synp otaglarynyň, okuw otaglarynyň, laboratoriýalaryň, ussahanalaryň, bedenterbiýe zalynyň we onuň kömekçi jaýlarynyň, müdiriň, onuň orunbasarynyň we lukmanyň otagynyň, mugallymlar otaglarynyň, bufetiň, naharhananyň, aşhananyň, ammarlaryň, dälizleriň, geýim çalşyrylýan, ýuwnulýan otaglaryň we başgalaryň umumy meýdany görkezilýär.

Şeýle hem umumy meýdana: ýerkümeleriniň we ýarym ýerkümeleriniň okuw, okuw-önümçilik ussahanalary we beýleki okuw maksatlary üçin ulanylýan, şeýle hem mekdebiň işgärleriniň ýaşaýan otaglary, duş otaglary, aşhana hökmünde ulanylýan bölegi girizilýär. Ýerkümeleriniň we ýarym ýerkümeleriniň boş ýerleri ýa-da ammarlar we mekdebiň başga zerurlyklary ýerleşdirilen ýerleri hasap edilmeýär. Mekdebiň howlusyndaky gurlan zatlar (saraýlar, ulagjaýlar we başgalar) mekdebiň jaýynyň umumy meýdanyna girizilmeýär.

Mekdebiň jaýlarynyň tutýan meýdany jaýyň plany boýunça kesgitlenýär, plan bolmadyk ýagdaýynda – her jaýyň ýörite ölçelmegi bilen kesgitlenýär.

Synp otaglarynyň, okuw otaglarynyň we laboratoriýalaryň (02-nji setir) okuwçylar bilen sapaklar geçilän otaglar girizilýär, 03-nji – setirde bolsa olaryň meýdany görkezilýär.

10-njy bölümiň 07-21-nji setirlerinde meýilnama laýyklykda, degişli derslerden okuwlar geçilýän, zerur bolan okuw-görkezme esbaplary bilen enjamlaşdyrylan aýratyn jaýly okuwçy orunlarynyň hakyky sanlary barada maglumatlar berilýär. Abzallary we okuw enjamlaryny diňe saklamak üçin ulanylýan otaglar okuw otaglary hasaplanmaýar.

22-nji setirde informatikanyň we hasaplaýyş tehnikasynyň esaslary okuw otaglarynda kompýuterleriň sany ýazylýar.

23-nji setirde internete elýeterligi bar bolsa "hawa - 1", "ýok - 2" diýip bellemeli.

Eger bir otagda iki sany okuw otagy enjamlaşdyrylan bolsa (meselem, biologiýa we himiýa), onda şeýle otaglar barada maglumatlary ýa-da biologiýa otagy barada, ýa-da himiýa otagy barada görkezmeli.

25-28-nji setirlerde okuw ussahanalarynyň barlygy barada maglumatlar görkezilýär. Okuw ussahanalaryna - okuw meýilnamasyna laýyklykda zähmet we hünärmençilik okuwlary geçilýän, ýörite enjamlary (stanoklar, ussanyň iş stollary we başgalar) bar bolan ussahanalar degişlidir.

11-nji bölümiň 30-33-nji setirlerinde işledilýän (ulanylýan) insiz plýonkaly kinoapparatlaryň, telewizorlaryň, magnitofonlaryň, wideomagnitofonlaryň sanlary görkezilýär, eger-de bilim edarasynda öz radiouzeli bar bolsa 34-nji setirde "hawa - 1", "ýok - 2" diýip bellemeli.

35-nji setirde bedenterbiýe zaly barada maglumatlar berilýär. Bedenterbiýe boýunça okuwlar üçin zerur enjamlar bilen enjamlaşdyrylan jaý bedenterbiýe zaly hasaplanýar. Bedenterbiýe zalynyň meýdanyna zalyň ýanynda ýerleşýän kömekçi jaýlaryň meýdany girýär. Eger bedenterbiýe sapaklary dälizlerde ýa-da synp otaglarynda geçirilýän bolsa, onda 35-nji setirde "ýok" diýip, ýazmaly.

36-njy setirde suwa düşülýän howuzy bar bolsa, "hawa - 1", "ýok - 2" diýip bellemeli.

37-nji setirde mekdebe degişli we mekdebiň mellek ýerinde, şeýle hem onuň çäginiň daşynda ýerleşýän okuw-tejribe melleginiň meýdany görkezilýär.

38-nji setirde kömekçi oba hojalygy bar bolsa, "hawa - 1", "ýok - 2" diýip bellemeli.

39-njy setirde bilim edarasynda okuwçylar üçin gyzgyn nahar taýýarlanylýan naharhananyň ýa-da bufetiň barlygyny-ýoklygyny görkezmeli. Bufetde diňe kofeniň, çaýyň, bulkanyň we gutabyň bar bolmagy gyzgyn nahar hasaplanmaýar.

40-njy setirde naharhanada ýa-da bufetlerde orunlaryň sany görkezilýär.

41-42-nji setirlerde bilim edarasynyň okuw jaýlarynyň tehniki ýagdaýy görkezilýär.

43-44-nji setirlerde laboratoriýa we interaktiw–multimedia enjamlary bilen üpjün edilen okuw otaglaryň sany görkezilýär.

## 12 BÖLÜM.
## MEKDEP KITAPHANASY WE UZALDYLAN GÜNLI TOPARLAR BARADA MAGLUMATLAR

12-nji bölümiň 01-nji we 02-nji setirlerini kitaphanasy (kitap gory) bar bolan ähli bilim edaralar doldurýar. Bilim edarasynda ýerleşýän, ýöne medeniýet edaralarynyň garamagynda bolan we diňe şol mekdebiň okuwçylaryna hyzmat etmän, eýsem etrabyň ýa-da birnäçe ilatly punktlaryň hemme çagalaryna hyzmat edýän çagalar kitaphanalary hakyndaky maglumatlar şu hasabata goşulmaýar. Şeýle kitaphanalar medeniýet edaralary tarapyndan aýratyn forma boýunça hasaba alynýar.

01-nji setirde inwentar depderinde we beýleki hasaba alyş resminamalarda bellige alnan ähli kitap gory, hasaba alynýan senä göçme ýa-da okalga zallarynda okyjylaryň ulanyp ýören mekdep okuw kitaplary, kitaplar, kitapçalar, žurnallary goşmak bilen görkezilýär. Žurnallar sanlary boýunça (neşir birliklerinde) görkezilýär. 02-nji setirde "şolardan" mekdep okuw kitaplarynyň gory

görkezmelidir. 03-nji setirde uzaldylan günli toparlaryň sany görkezilýär, 04-nji setirde uzaldylan günli toparlardaky okuwçylaryň sany görkezilýär.

**13 BÖLÜM.**
**GEÇEN 20___/20___ OKUW ÝYLYNDA OKUWÇYLARYŇ GURNAK IŞI**

13-nji bölümde geçen okuw ýylynda okuwçylaryň gurnak işlerini häsiýetlendirýän maglumatlar getirilýär. Bu bölüme döwlet büjetiniň we ata-eneleriň serişdeleriniň hasabyna işledilýän ähli gurnaklar girizilýär. Jemgiýetçilik başlangyçlaryndaky, ýagny, ýolbaşçylar tarapyndan tölenmeýän gurnaklar, şeýle hem mekdepden daşary işgärleriň alyp barýan, mekdepden daşary edaralaryň töleýän gurnaklary hasaba alynmaýar.

Şu bölüm doldurylanda, eger ady bir gurnak (meselem, ýaş naturalistler, ýaş tehnikler) 2 sany gurnaga bölünip oňa bir adam ýolbaşçylyk edýän bolsa we ýolbaşça 2 gurnak üçin hak tölenýän bolsa, onda ony 1 hasap etmän, 2 gurnak hasap etmeli.

Tehniki döredijilik gurnaklaryna (01-nji setir) aşakdakylar girýärler:

a) taýýarlaýyş tehniki gurnaklar: başlangyç ülňüsini taýýarlaýyş, elektrik bilen hereketlendirilýän oýnawaçlar, öwreniş we ulanyş;
b) ülňi gurnaklarynyň hemme görnüşleri;
ç) tehnikany öwrenşi we gurnaýyş: awtosöýüjiler, motosöýüjiler, kiçi gabaraly tehnikany gurnamak, ýaş kombaýnçylar, traktorçylar we başgalar;
d) elektrik - radio, elektron tehnikasy gurnaklar;
e) ýaş täzelikçileriň we oýlap tapyjylaryň gurnaklary;
ä) informatika we hasaplaýyş tehnikasy gurnaklary.

Ýaş naturalistler-biologiýa gurnaklaryna (02-nji setir) ösümlikçilik, maldarçylyk, bal aryçylyk, balykçylyk, tebigaty goraýyş we başgalar girizilmelidir.

Ülkäni öwreniş-syýahat gurnaklaryna (03-nji setir) syýahatçylygyň görnüşleri boýunça gurnaklar, taryhçylar-ülkäni öwrenijiler, geograflar, ekskursiýa geçirijileriň gurnaklary we başgalar degişlidir.

Çeperçilik döredijiligi gurnaklaryna (04-nji setir) hor, tans, orkestr, teatr, edebi-döredijilik, şekillendiriş we bezeg-amaly döredijilik gurnaklary we başgalar girizilmelidir.

Sport gurnaklaryna (05-nji setir) sportuň badminton, futbol we başga görnüşleriniň, milli sport oýunlarynyň, atyjylyk, awto-motosport gurnaklary we başgalar degişlidir.

06-njy setire ýokarda sanalyp geçilmedik (şol sanda sapaklara degişli gurnaklar) barada maglumatlar girizilýär.

Eger bir okuwçy birnäçe gurnaklara gatnaşýan bolsa, onda onuň gatnaşýan gurnaklarynyň sany näçe bolsa, şonça gezek ol hakda maglumatlar gaýtalanyp berilýär.

**14 BÖLÜM.**
**OKUW ÝYLYNYŇ DOWAMYNDA BILIM EDARASYNDAN**
**GIDEN OKUWÇYLAR BARADA MAGLUMATLAR**

12-nji bölümde geçen okuw ýylynyň dowamynda bilim edaralarynda çykyp giden okuwçylar barada maglumatlar getirilýär. Çykyp giden okuwçylar hakdaky maglumatlar şol bilim edarasynda okuwçylaryň okuwlaryny bes etmeginiň sebäpleri görkezilýän buýruklaryň we beýleki resminamalaryň esasynda ýazylýar. Ýapylan bilim edaralar okuwçylaryň bilim edarasyndan çykyp gidenligi hakyndaky bölüme diňe okuw ýylyň dowamynda giden okuwçylar barada maglumatlar ýazman, eýsem bilim edara ýapylany üçin başga bilim edarasyna geçen okuwçylar barada hem maglumatlary girizýär.

**Durmuş statistikasy müdirligi**